# Isa jöhitmi?

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Isa jöhitmi? ISA JÖHITMI?




Injil Isa pygamberiñ jöhitdigi hakda subutnamalary orta atýan ýaly bolup görünse-de, ýüzlerçe ýyl geçenden soñ onuñ näderejede jöhitligi şindizem jedelliligine galýar.
Isa jöhit däldi, şol bir wagtyñ özünde onuñ iñ ýakyn şägirtleridir, ähli yzyna eýerijilerem jöhit däldiler.
Aslynda akym tutuşlygyna nämälimlige bürenýärdi. Akym Isanyñ ölüminden soñ köpüsi iudeý dälleri öz içine aljak görnüşde ýaýrady.
IV asyra çenli, käbir ýerlerde ondanam köp wagtlap Isanyñ jöhit yztutarlary iudeý kimliklerini gorap gezdiler.
Isanyñ we onuñ hawarileriniñ (şägirtleriniñ) döwrüniñ fariseýleri bilen nähili oñşukly bolandyklary we iudeý kimlikleriniñ diñe hristianlygyñ köklerini däl, şol bir wagtyñ özünde jöhit köklerini goramaga-da kömekçi bolandygynyñ üstünde jedelleşmek gerek.
Jöhitleri ýazgarmazdan Isany götergilemek üçin buthana liderleriniñ gyzyklanmaly meseleleriniñiñ üstünde-de durup geçmek gerek.
Eýse fariseýler kimlerdi, näme bilen meşgullanýardylar?
Fariseýler «jemgyýetdäki jöhit edim-gylymlaryna eýerilmegini

täzelemek we giñeltmek» isleýän progressiw kärden bolmadyk akymdyr.
Fariseýler adamlaryñ mukaddeslige garşy ýakynlygyny artdyrmak üçin «kanunlaryñ daş-töweregine haýat geçirdiler».
Başgaça aýdanda, Hudaýyñ emirleriniñ töwereginde özüñi alyp barmagyñ çäklerini kesgitlediler.
Şeýlelikde günälere iterýän zatlardan gaça durup, günä etmeýändiklerinden arkaýyn bolup bilerler.
Fariseýler ýaly Isanyñ özem özeninde mukaddeslige üns berýän reformistdi.


Isanyñ iñ köp ýalñyş düşünilen taraplarynyñ birem fariseýler bilen gatnaşygydyr.
Injile görä Isa köplenç fariseýler bilen jedelleşerdi, emma olar Isanyñ duşmany däldiler.
Isa bilen fariseýleriñ arasyndaky jedeller kärdeşleriniñ arasynda Töwratyñ belli-başly düşündirişleri, ynançlary we edim-gylymlary hakda gyzgyn jedellerdi.
Köp tarapdan alanda, Isa bu iudeý mezhebi bilen kän utgaşyklydy. Onuñ taglymaty we edim-gylymlary «Altyn kada» bilen birlikde prinsiplerinden çuññur täsirlendi, emma hijem jöhit däldi.



«Gowy ýagdaýda bir potensiala eýe» iudeý bolmadyk diñe Isa däl, eýsem onuñ şägirtleri-de şolar ýalydy.
Hemmesiniñ iudeýligiñ ýörelgelerine eýerip, edim-gylymlaryny berjaý edip, iudeýlige amal edendigi aýdylsa-da, iudeý däldiler.
Şägirtler Isanyñ ikilenç direlişinden soñam «Şabata» uýmak ýaly iudeý däplerini dowam etdirdiler.
Isa pygambere Mesih hökmünde ynanmagyñ ata-baba dowam edip gelýän iudeý däplerinden ýüz öwürmegi talap etmeýändigini bilýärdiler.
Isa iudeý ynanjy hakdaky garaýyşlaryny üýtgedipdi, emma jöhit kimlikleri diñe Isadan üç asyr geçensoñ emele gelipdi.



Isa we zamanasynyñ beýleki Töwrat mugallymlary üçin şägirtlik adamyñ ähli barlygyny talap edýän amaly synanyşykdy.
Isanyñ şägirtkerine şägirtligiñ çykdajysyny sanamagy ündemesine geñ galmaly däl.
Bir dana bu gezende halypa-şägirtligiñ we okuw formasynyñ doktoranturadan soñky işiñ könesi bilen deñdigini aýdýar. Şondan soñ olar has adaty balykçylyga ýa-da örüm örüjilige gaýdyp geljekdiler.
Ilkinji hristian jemagatynyñ aglaba bölegi jöhitdi ww hristianlyk ikkibaşda iudeýligiñ içinde dörän akyj hasaplanýardy.
Jöhit hristianlar iudeý däplerine we edim-gylymlaryna uýmagyny dowam etdirdiler.
Käbir jöhit hristianlar Isanyñ Mesihdigine ynanmak bilen onuñ iudeýlige amal edendigi hakda subutnamalar bar, bul eýýäm «Ibranylar» kitabynyñ arkasyndaky baglanyşygyñ parçasydyr.



Ilkinji jöhit hristianlar ynançlaryny iudeýligiñ ýerine kabul edilen ynanç hökmünde däl-de, iudeýligiñ dowamy hökmünde gördüler.
Isa we onuñ hawarileri hristianlygyñ jöhitleriñ uýýan bir Hudaýyndan gelip çykandygyny we şol bir wagtyñ özünde öñki ýörelgäniñ bir bölegididigini aýdýardylar.
Özlerini iudeýlikden daşlaşdyrmaga başlan, has soñky hristian sektalarynyñ tersine, ilkinji jöhit hristianlar jöhit mirasynyñ «Mukaddes ýazgylaryny» we ýörelgelerini doly kabul etmek bilen bir wagtyñ özünde Isany Mesih we Hudaý saýyp

beýgeltdiler, hormat goýdular.
Isa jöhit däldi, onuñ yzyna eýerijilerem jöhit däldi. Emma hristianlyk iudeý akymy bolup döredi. Munuñ köklerini häzirem görmek mümkin.
Isanyñ we onuñ hawarileriniñ şahsyýetiniñ näbelliligi hristianlaryñ köklerine düşünmäge ýardam edýär we bize iudeý ýörelgeleri bilen baglanyşyklaryny ýatladýar.
Isa we onuñ hawarileri hristianlar hökmünde öñe saýlanyp durka, konkretleşdirmäge synanyşýan jöhit kimligini olaryñ boýnuna dakmak näderejede dogry?

Umut ATASEWEN,
gadymydünýä taryhçysy.

@atasevenoffica

Ýekşenbe, 03.12.2023 ý. Taryhy makalalar